CultureTalk Turkmenistan Video Transcripts: http://langmedia.fivecolleges.edu

**Artisan Work**

**Turkmen transcript:**

- Türkmenistanyň bezeg “исскуство”sy ýada özüne üýtgeşik bir tarapy bar my Türkmenistanyň, ýa da nähili bezegler, el bilen edilýan bezegler ýa da?

- Elbetde bar. Meselem Türkmenistanyň halylary dünýä eee...dünýäde tanalýan halylar bar meşhur halylar. Türkmen göller diýdi o halylarda dokalýan. Başga Türkmen şaýsepleri bar, gyzyldan ýa da gümüşden ýasalýan şaýsepler. Ondan soň ýagny ehmm...palçykdan ýasalýan gapçanaklar zatlar bar. Olaram şoňa girýar my ka diýýan.

- Türkmenistanyň hemme tarapynda bolýar my bütin bezegler, ýa da üýtgeşik ýerlerinde belli bezeg...elde ýasalýan bezegler bolýar my?

- Aslynda eee...o zat gölleri ele alaňda, halydaky göller alaňda, her welaýatyň özüne eee...özüne degişli has gölleri bar da. Ýagny şoňa görä ýagny dokalýar, meselem Lebapda belli bir eee...göller bolýar ýa da, Mary welaýatynda, ýa da Balkan welaýatynda, ýa da Ahal welaýatynda özüne ýagny degişli göller bolýar. Şoňa görä dokalýar my ka diýýan. Tahýa...tahýadaky nagyşlar, şolam bir el zatlaryna girýa da, el bilen edilýan.

- Tahýany nädip ýasamaly...tahýa näme?

- Tahýa başgaça börük diýilýar. O da Türkmeniň milli egin eşiklerine degişli. Ýagny öňden bäri biziň ata-babalarymyzdan gelýan bir geýimi da. Türkmen tahýasy diýdi, dony diýdi, ýa da telpek diýdi.

- Halylar köpden bäri ýasalýar my? Ýa da “история”sy nähili şu halylaryň?

- Ýaa...“история”syny bilemok welin ýöne öňden bäri türkmenler, türkmen gelin-gyzlary meselem başda şu zatlar ögredilýardy da. Meselem nähili gölli haly dokamaly ýa da nähili nagyş dikiş etmeli, şonuň üçin öňden gelýan zatlaryň birisi.

- Köplenç gelinler ýasaýar halylary?

- Hawa. Esasanam gelin-gyzlar zat dokaýar halylary.

- Üýtgeşik saz...sazlar bar my Türkmenistanda? Haýsy nähili sazlar bar?

- Sazlar...eee...ýagny Türkmenistanda esasan Türkmeniň 72 sany saz guraly bar. Gopuz diýdi, dutar diýdi gyjak diýdi. Ondan soň esasanam dutar çalynýar ýa da gelin-gyzlar gopuz çalýar. Ýa da gyjak çalýarlar.

- Ýagny Türkmenistanyň özünde bolan. Native...

- Özüne has...hawa.

- Hiç üýtgedi mi ýa da şo öňki öňkülikde mi?

- Ýa esasy...elbetde özüne görä...her wagtyň, döwrüň geçmegi bilen birazajyk bolsa da üýtgeşiklik bolýar ýöne asyl ýagny köki şo öňden galan zatlar my ka diýýan.

- Siziň iň gowy görýäniňiz haýsy?

- Men gopuz gowy göräýmesem. Gopuz gowy görýän men.

- Çalyp bilýäňiz mi?

- Ýagny gowy gopuz çalyp bilýan, hawa.

- Türkmenistanyň iň bilinýan artisty, bilinýan artistlaryndan haýsylaryny sanap bilersiňiz?

- Türkmenistanyň bilinýan artistlary...

- Saz artistlary.

- Pälwan Halmyradow bar, ondan soň eee...Laçyn Mammedowa bar, ondan soň eee...Atabaý bar. Öňki bagşylary ele alaňda Şükür bagşy di ý ýar, Sary Bagşy. Ýöne häzirkiler, meselem şu wagtky bagşylardan Pälwan Halmyradow bar.

- Siz onuň bilen duşuşyp gördüňiz mi?

- P älwan Halmyradow bilen...ýok duşuşyp görmedim.

- Bärde saz çalýan artistlardan hiç hili duşuşyp görmediňiz.

- Amerikada ýok, duşuşyp görmedim.

- Ýa da aýdym aýdýan...

- Ýok.

- “Традиционный” geýin eşikler nähili bolýar? Kän has...özüne türkmene has bolan eşikler haýsylar bolýar?

- Ýaa...ehmm...nagyşly köýnek, telpek, türkmeniň telpegi, tahýasy, gupba diýdi.

- Gupba nähili zat?

- Ol ýagny gelin gyzlaryň ýagny o da bir aslynda şaýsepleriň, tahýaň üstüne goýulýan şaýseplerden, ýagny şaýsepler da. Ýagny nähili diýsem “головной убор” bolýar.

**English translation:**

- What are the different "arts" in Turkmenistan? Are there any hand-made crafts?

- Of course there are. For example, Turkmen carpets, the famous Turkmen carpets are known around the world, with special Turkmen patterns. And then there are Turkmen hand-made dress decorations, made of gold and silver. Then there is kitchenware made of clay -- I think those also fall into that category.

- Are there any specific crafts done only in a specific region in Turkmenistan, or are they all the same around the country?

- Actually, if you look at the design patterns on the carpets, those are specific to each region in Turkmenistan. For instance, there are specific patterns in Lebap, in Mary state or in Balkan state, Ahal state also has specific carpet patterns. I think carpets are woven according to the state. *Tahya*[1]...the patterns on the *tahya*, that is also in hand-made crafts.

- How are the *tahyas* made...what is *tahya*?

- *Tahya* is also called *boruk*. It's part of the turkmen national dress. It's a dress that our ancestors would wear. [There is] a Turkmen *tahya*, *don,*[2] or a Turkmen *telpek.*[3]

- Have carpets been woven since ancient times? What is the "history"[4] of a Turkmen carpet.

- Well...I don't know the "history,"[5] but young Turkmen girls are taught how to do this very early. For example, they are taught how to weave the carpets and how to make different patterns.

- Carpets are woven mostly by women?

- Yes. Generally women weave the carpets.

- What are the different types of music in Turkmenistan?

- Different music ... in Turkmenistan there are 72 different musical instruments. There are *gopuz*, *dutar*, *gyjak* and others. Then, *dutar* is also played, or young Turkmen girls play *gopuz* or play *gyjak*.

- Something specific to Turkmenistan. Native ....

- Specific...yes.

---

[1] A special kind of Turkmen headdress.
[2] A gown-like Turkmen national dress.
[3] Another headdress, usually worn in deserts for protection from the sun.
[4] Speaker is using Russian for the word "history."
[5] Speaker is using Russian for the word "history."

- Have they changed over time?

- Well...yes of course, they change after a period of time, but the roots are still the same, things that are left from the past.

- What is your favorite?

- I think I like the *gopuz* more. Yes, I like *gopuz*.

- Can you play it?

- I can play the *gopuz*, yes.

- Among artists in Turkmenistan, who are the famous artists in Turkmenistan?

- Famous artists in Turkmenistan ....

- Music artists.

- There is Palwan Halmyradov, then Lachyn Mammedova, then umm...there is Atabay. Singers from the past are Shukur *bagshy*,[6] Sary *bagshy*. Among contemporary singers there is Palwan Halmyradov.

- Have you met him here?

- Palwan Halmyradow...no I haven't met him.

- Have you met any of the singers or artists?

- In United States, no I haven't met anyone.

- Anybody who sings ....

- No.

- What are the "traditional"[7] clothes? What are the clothes specific to Turkmen people?

- Uhmm...long dresses with patterns, *telpek*, turkmen *telpek*, *tahya* and *gupba*.

- What is a *gupba*?

- It's a jewelry put on the *tahya*. It's considered a "headdress."[8]

---

[6] Bagshy is somebody who both sings and plays.
[7] Speaker is using Russian for the word "traditional."
[8] Speaker is using Russian for the word "headdress."

**About CultureTalk:** CultureTalk is produced by the Five College Center for the Study of World Languages and housed on the LangMedia Website. The project provides students of language and culture with samples of people talking about their lives in the languages they use everyday. The participants in CultureTalk interviews and discussions are of many different ages and walks of life. They are free to express themselves as they wish. The ideas and opinions presented here are those of the participants. Inclusion in CultureTalk does not represent endorsement of these ideas or opinions by the Five College Center for the Study of World Languages, Five Colleges, Incorporated, or any of its member institutions: Amherst College, Hampshire College, Mount Holyoke College, Smith College and the University of Massachusetts at Amherst.

© 2003-2009 Five College Center for the Study of World Languages and Five Colleges, Incorporated